# Kyýamatyň wagty «Iň soňky şamlyk» suratynda gizlenenmi?

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Kyýamatyň wagty "Iň soňky şamlyk" suratynda gizlenenmi?
KYÝAMATYŇ WAGTY «IŇ SOŇKY ŞAMLYK» SURATYNDA GIZLENENMI?

Watikanly alym Sabrina Sforsa Galisiýa «Leonardonyň Watikandaky iň soňky şamlygy» atly kitabynda meşhur suratkeşiň täze koduny açyklady. Alym Da Winçiniň adybelli suraty «Iň soňky şamlykda» dünýäniň ahyrynyň 4006-njy ýylyň 1-nji noýabry diýip bellenendigini orta atdy. Galisiýa bu senäniň kodunyň Isa pygamberiň (a.s) haça çüýlenmezden öňki agşam hawarileri bilen bile iýen şamlygyny şekillendirýän suratda gizlenendigini öňe sürýär. Watikanly alymyň pikiriçe Hezreti Isanyň arka tarapyndaky ýarymaý şekilli penjire «matematiki we astrologiki» kody aňladýar. Bu koduň çözgüdini tapandygyny aýdýan Galisiýa Da Winçiniň 4006-njy ýylyň 21-nji martynda başlap, şol ýylyň 1-nji noýabrynda tamamlanjak «bütindünýä tupanynyň» boljagyny öňünden bilendigi baradaky pikiri orta atýar. Galisiýa barlap ýören taryhy maglumatlarynda hem bu taryhy senäni «adamzadyň täze başlangyjy» hökmünde görkezýändigini gürrüň berdi. «Da Winçiniň kody bar, ýöne ol Den Braunyň meşhurlaşdyran kodundan bütinleý başga kod» diýen Galisiýa ABŞ-nyň Kaliforniýa uniwersitetinde saklanýan Da Winçiniň golýazmalary boýunça barlag geçirmegiň ussady bolup gidipdir. Häzir Watikanyň arhiwlerinde ylmy-barlag işlerini dowam etdirýän Galisiýa kitabynyň dowamynda gelejekde Da Winçiniň «gizlin koduny» mälim etjekdigini hem ýazdy. Bu kod Zodiak şertli belgilerini we latyn elipbiýinde günüň 24 sagadyny aňladýan 24 harpyň ulanylyşyny öz içune alýar. 460×880 sm ölçegdäki «Iň soňky şamlyk» suraty Milan şäheriniň Santa Maria delle Grazie atly buthanasynyň diwarynda asylgy dur.
Den Braunyň 2003-nji ýylda neşir edilen «Da Winçiniň kody»

kitaby suratda Hezreti Isanyñ ýanynda oturanyñ Ýuhanna atly hawarisi däl-de, ýanýoldaşy Mejdelli Merýemdiguni, şeýle-de onuñ Hezreti Isadan göwrelidigini orta atypdy.

# Internet maglumatlary esasynda taýýarlandy. Geň-taňsy wakalar